# Aýralyk ýodasy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Aýralyk ýodasy AÝRALYK ÝODASY

Penjirämden güýz gözýaşy syrygýar,
Penjirämden güýzüň ýagşy syrygýar.
Baglaň başlaryny yraýan şemal,
Penjirämiň aňrysyndan sygyrýar.

Ýaprak ýagýar,
Ýaprak ýagýar şahadan.
Sary ýaprak güýzüň solan ykbaly.
Bu güýz güni kalbym doly şübheden,
Bu güýz güni ýürek söýgüden doly.

Seniň şol gidişiň – gaýdyp geleňok,
Ýapraklar şahadan özün asypdyr.
Bu niçik ahwalat – bilip bilemok,
Seň giden yzyňy ýaprak basypdyr.

Bilýän, gussa çekmek güýzüň kadasy,
Gam çekýän deý dymypdyrlar serçeler.
Ýaprak basanol aýralyk ýodasy
Aýtsana, ezizim, haçan arçalar?! Goşgular